# HASSALAR HAKDA RİSALE

# (Türkmence Hastalar Risalesi)

## Yazary: Bediüzzaman Said Nursi

## Hassalar üçin ýigrimi bäş melhem

Bu eser hassalar üçin ruhy melhem hökmünde bolup, olara teselli bermek üçin ýazylandyr. Başgaça aýdanymyzda, "emgegi irsin" diýen manydadyr.

**Bellik.**

Hassalar üçin ruhy melhem bolan bu eser beýleki eserleriň ählisinden has çalt

{1. Bu eser dört ýarym sagatda ýazyldy.

Hawa Hawa Hawa Hawa

Rüşdi Refet Hüsrew Said}

ýazyldy. Beýleki eserlerimden tapawutly tarapy bolsa, ol ýazylyp gutarylanyndan soň, birnäçe gezek däl-de, diňe ýekeje gezek okalyp gözden geçirildi. Ýagny eseriň asyl nusgasy üýtgedilmän galdyryldy. Kalba ylham bolup gelen bu eseriň aslyny ýoýmazlyk maksady bilen ony taraşlap

oturmadyk. Şonuň üçin, azda-kände ýakymsyz, agyr sözleriň hem üstünden barmagyňyz mümkin. Okyjylarymyzdan, esasanam, nähoşlardan şeýle sözlerden ötri ötünç soraýaryn! Goý, olar menden öýke-kine etmesinler we meniň üçin ýagşy dilegde bolsunlar!

بِسْمِ اللّٰهِ الرَّحْمٰنِ الرَّحِيمِ

اَلَّذِينَ اِذَٓا اَصَابَتْهُمْ مُصِيبَةٌ قَالُٓوا اِنَّا لِلّٰهِ وَاِنَّٓا اِلَيْهِ
رَاجِعُونَ * وَالَّذِى هُوَ يُطْعِمُنِى وَيَسْقِينِ * وَاِذَا
مَرِضْتُ فَهُوَ يَشْفِينِ

Şu eser adamzadyň ondan bir bölegini düzýän hassalara, emgege uçranlara, hakykatdanam, teselli etjek hem olaryň derdine em boljak ýigrimi bäş ruhy melhemiň gysgaça beýanydyr.

## Birinji melhem

Eý, biçäre hassa! Gama batma, sabyrly bol! Seniň keseliň seniň üçin dert däl-de, gaýtam, dermandyr. Çünki, ömür adam üçin esasy baýlykdyr, esasy maýadyr. Ol asla bir durkuna durmaýar. Ondan hasyl almasaň, ol zaýa bolýar. Üstesine-de, her günüň gülala-güllükde, gaflat ukusynda geçýän bolsa, ömrüň nädip geçeninem duýmarsyň. Emma kesel welin, ömür maýaňdan uly girdeji gazandyrýar. Ömri bol hasyl alar ýaly edip ýetişdirensoň, ötä gidýär. Hawa, hassalyk ömrüň tiz geçip gitmegine ýol bermeýär. Ony togtadýar, möhletini uzaldýar. "Adamyň başyna bela-beter inende, wagt geçiberenok, gowy günleriň bolsa, nädip geçeninem bilmeýärsiň" diýlen gürrüňiň aňyrsynda hem, aslynda, şol hakykat ýatyr.

## Ikinji melhem

Eý, bisabyr hassa! Sabyr et, hatda, şükür et! Hassalygyň saýasynda seniň ömrüň her minudy bir sagatlyk ybadata barabar bolup bilýär. Hawa, ybadat iki hili bolýar. Birinjisi: namaz-nyýaz ýaly bize mälim bolan ybadatlar. Ikinjisi: keselçilikdir bela-beteriň hasyl edýän ybadatlary. Hawa, başyna bela-beter gelende ýa-da bir derde ýoluganda, adam özüniň ejizligine göz ýetirýär. Şonda ol Halyky-Rahymyna (merhemetli ýaradyjy) sygynýar, Oňa çyn ýürekden ýalbaryp-ýakarýar. Bu bolsa Hakyň dergähinde ybadat hasaplanýar.

Hawa, müminiň hassa bolan pursatlarynyň, Allatagaladan närazy bolmazlyk şerti bilen, ybadat hasaplanylýandygy barada anyk hadyslar bar. Şol hadyslarda, sabyr we şükür edýän käbir syrkawlaryň hassalykdan gutulýança,

her minudynyň bir sagat, käbir kämil şahsyýetleriň her minudynyň bir gün ybadata barabar boljakdygy beýan edilýär. Munuň şeýledigini keramata miýesser bolan ýagşyzadalar hem tassyklaýandyr.

Diýmek, ömrüň her minudyny müň minuda öwürýän, ömrüňi bereketlendirýän hassalygyň üçin närazy bolmaly däl-de, gaýtam, şükür etmek gerek!

## Üçünji melhem

Eý, çydamsyz hassa! Adam bu dünýä keýpi-sapa çekmek üçin gelmändir. Muňa birsyhly gaýtalanyp duran ölüm-ýitimlerdir aýralyklar, ýaşlaryň garramagy ýaly hadysalar şaýatdyr. Şeýle hem, adam janly-jandarlardan tapawutlylykda iň kämil we iň belent mertebede ýaradylandyr. Beýleki jandarlara garanyňda, ol çäksiz ukyba eýedir. Hatda oňa janly-jandarlaryň soltany

diýsegem, ýalňyş bolmaz. Muňa garamazdan, ol geçmişiň süýji günlerini hakydasynda saklaýandygy üçin, şol bir wagtyň özünde-de, gelejekde bela-beterlere uçramakdan howatyrlanýandygy üçin, durmuşyň hözirini görmekde haýwança-da bolup bilmeýär. Ömrüni gaýgy-alada bilen geçirýär. Diýmek, adam bu dünýä gowy ýaşap, sapaly ömür sürmek üçin gelmändir. Eýsem adam ömür ýaly tükeniksiz baýlyk bilen oňat gazanç etmäge, ýagny ebedi bagtyýar ýaşaýşy gazanmaga gelipdir.

Eger adam hiç syrkawlaman, sag-aman ýaşap ýörse, onda ol gaflat toruna düşer. Gaflat bolsa ony dünýä imrindirer, ahyreti unutdyrar. Onsoň gabyr hem, ölüm hem onuň ýadyna düşmez we ol özüniň ömür baýlygyny ýele sowrar. Hassalyk bolsa, ony bada-bat gaflat ukusyndan oýarar we oňa:

"Ölmerin öýtme, öz elim, öz ýakam diýip oýlama, seniňem berjaý etmeli borçlaryň bar. Tekepbirligiňi goý! Ýaradany ýatla! Gabra girmelidigiňi hergiz unutma we şoňa görä şaýyňy tutuber" diýip duýduryş berer.

Ine, hassalyga bu jähetden seretsek, ol - ygtybarly nesihatçydyr, hakykaty görkezýän çelgidir. Şol sebäpden, sen başyňa gelen dertden zeýrenme, gaýtam şükür et! Eger hassalygyň yzasy juda çökder bolsa, onda Alladan sabyr dile.

## Dördünji melhem

Eý, hassa! Näme üçin zeýrenýärsiň? Seniň zeýrenmäge hakyň ýok. Sen şükürana, sabyrly bolmaga borçlusyň. Çünki bedeniň, agzalaryň seniň emlägiň däl. Olary sen özüň ýasamadyň ýa-da niredendir bir ýerden satyn alyp getirmediň. Diýmek, olar başga

biriniň emlägi. Mülk eýesi bolsa emlägini isleýşi ýaly ulanar.

"Ýigrimi altynjy sözde" aýdylyşy ýaly, diýseň baý we elinden dür dökülýän ökde bir hünärmen öz nepis we gymmatbaha sungatyny görkezmek üçin, bir garyp adamy ýeke sagatlyk hakyna tutýar. Oňa sünnäläp lybas tikýär we ony garyba geýdirýär. Ýaňky lybasyň bir ýerini gysgaltsa, beýleki bir ýerini uzaldyp görýär. Garaz, eliniň hünärini görkezýär. Ynha, indi, hakyna tutma bu adamyň şol tikinçä: ,,Meni azara goýduň. Bir görseň-ä, oturdýaň, bir görseňem, turuzýaň. Halys irizdiň. Maňa gelşip duran bu lybasyň o ýerini-bu ýerini uzaldyp-gysgaldyp, meni görkden gaçyrýarsyň. Sen-ä rehimsiz, ynsapsyz adam ekeniň" diýmäge haky barmy?!

Eý, hassa! Edil bu mysalda bolşy ýaly, Saniýi-Züljelal (Beýik sungat eýesi) göz,

gulak, akyl, ýürek ýaly nurana duýgular bilen bezelip-beslenen beden lybasyny saňa geýdiripdir. Özüniň gözel atlarynyň nagyşlaryny görkezmek üçin bolsa, seni her hili hal-ýagdaýa salyp görýär. Allatagala beýtmek bilen, açlygyň saýasynda saňa Rezzak (rysk beriji) adyny tanadýar. Hassalyk arkaly bolsa, seni Şa:fiý (Şypa beriji) ady bilen tanyşdyrýar. Hawa, bela-beterler, muşakgatlar Biribaryň käbir atlarynyň şöhlelenmesidir. Olarda hikmetdir merhemetiň göz gamaşdyryjy ýylpyldylary, ýagny örän owadan gözellikler basyrylgy ýatandyr. Saňa gorkuly bolup görünýän hassalyk perdesiniň aňyrsyny görüp bilseň, göwnüňe hoş ýakýan manylaryň şaýady bolardyň.

## Bäşinji melhem

Eý, derde ýolugan hassa! Öz başymdan geçensoň, ynha, şuny anyk bilýärin: hassalyk bu döwrüň käbir adamlary üçin Allanyň sowgadydyr, Rahmanyň serpaýydyr. Ynha, soňky sekiz-dokuz ýylyň içinde hassalygyna em gözläp ýanyma gelen ýaş-ýetginjek köp boldy. Olar maňa ýagşyzada hökmünde garaýandyklary sebäpli (aslynda men beýle däl), özleri üçin doga-dileg etmegimi soraýardylar. Şonda men bir zada üns berdim: ýarawsyz ýaşlar sagat ýaşlara garanyňdas ahyreti has kän alada edýärdiler. Ýaşlyk ýelgini olaryň başyny aýlamaýardy. Olar belli derejede hem bolsa, gapyllykdan, haý-höwesleriniň ugruna gitmekden saklanýardylar. Bu ýagdaýy duýup, olara şeýle diýerdim: "Seniň bu ýolugan hassalygyň çydam etmezçe däl. Bu hassalyk saňa Allanyň

yhsanydyr, sowgadydyr. Şonuň üçinem, doganjygym, men seniň hassa bolmagyňa känbir garşy hem däl, ýolugan bu derdiňe gynanybam baramok. Sen bolsa maňa doga-dileg et diýýärsiň. Hassalyk seni gaflat ukusyndan doly oýarýança sabyr et. Ol öz işini bitirerem welin, enşalla, Halyky-Rahym saňa şypa berer. Onsoňam, käbir deň-duşlaryňa seret! Saglyk olaryň başyna bela bolýar. Ýagny olar gaflatyň duzagyna düşýärler - namazy taşlaýarlar. Gabry ýatlamaýarlar. Allany unudýarlar. Dünýäniň bir sagatlyk haram keýpini görjek diýip, ahyretdäki ebedi durmuşyna zeper ýetirýärler, hatda ony weýran edýärler. Hassalyk bolsa saňa öňi-soňy gitmeli ýeriň bolan gabry we onuň aňyrsyndaky ahyretiň mekanlaryny görkezýär. Şonuň üçin sen aýagyňy gyşyk basmajak bolýarsyň. Diýmek, hassalyk seniň üçin haýyrly eken.

Käbir deň-duşlaryň üçin bolsa, saglyk haýyrsyz eken".

## Altynjy melhem

Eý, agyry-ynjylaryndan arzy-şikaýat edýän hassa! Senden şuny soraýyn: şu ömrüňde lezzetli, sapaly günleriňem, bela-betere uçran wagtlaryňam bolandyr. Sen olary hakydaňa getireniňde, hökman ýa begenýänsiň ýa-da gynanýansyň. Başgaça aýtsak, ýüregiňden syzdyryp Hudaýa şükür edýänsiň ýa-da ökünýänsiň. Şeýle dälmi?

Üns berýän bolsaň, saňa şükür etdirýän-ä geçmişde başyňa gelen bela-beterlerdir. Olaryň geçip gidenini ýatlaýaň welin, ruhuňa täzeden lezzet aralaşýandyr. Kalbyňda şüküranalyk peýda bolýandyr. Sebäbi, ynjynyň aýrylyp gitmegi bilen lezzet gelýär. Diýmek, ynjydyr bela-beterler ruhda lezzet miras galdyryp gidýän eken. Heran-

haçan şol ynjy ýa-da ýolugan bela-beteriň ýadyňa düşýär welin, ruhuň lezzet alýar. Seni şüküranalyga alyp barýar.

Emma seni ökündirýän zat bolsa, geçmişde galan sapaly pursatlaryňdyr. Ine, şolar seniň ruhuňda hemişelik gam-gussa goýup gidýändir. Herwagt şol günleriň ýadyňa düşse, ruhuň ezýet çekip başlaýar we sen gam-gussa batýarsyň.

Diýmek, halal bolmadyk bir günlük lezzet käwagt bir ýyllyk ruhy azaby çekdirýän eken. Bir günlük, ýagny wagtlaýyn gelen hassalygyň ynjysy, esli günlük ruhy lezzet berýär we sogap gazandyrýar. Üstesine, bela-beterden, hassalykdan gutulmagyň hem ruhy lezzeti bolýar. Şeýle bolsa, wagtlaýyn gelen bu hassalygyň netijesi barada, onuň goýup gidýän sogaby hakda oýlan! "Bu-da geçer!" diý, şikaýat däl-de, şükür et!

## Altynjy melhem

{"Altynjy melhem", asyl nusgada hem iki gezek gaýtalanýar. "Munuň bir syry bolaýmaly" diýen düşünje bilen, aslyny üýtgetmedik.}

**Eý, hassalyk sebäpli bu dünýäň hözirini görüp bilmeýänine gynanyp, ejir çekýän doganym!**

Eger bu dünýä müdimi bolsady, ajal diýen zat bolmasady, "aýralyk" atly hazan ýeli öwüsmesedi, "gelejek" atly bela-beterli, harasatly gyş bolmasady, belkem, menem seniň bilen birlikde gynanardym. Ynha, bir gün geler welin, bu dünýä gözümiziň ýaşyna seretmän: "Hany, garaňy saýla şu ýerden!" diýer. Ýöne biziň etmelimiz: o bizi kowmanka, özümiz onuň yşgyndan ýüz öwürmelidiris. Ol bizi terk etmänkä, biz ony ýüregimizden terk etmelidiris.

Hawa, hassalyk biziň kalbymyza şeýle diýip çawuş çakýar: "Seniň bedeniň daşdan, demirden däl. Eýsem sen her pursatda dagamak ähtimallygy bolan dürli elementlerden düzülensiň. Ulumsy bolma! Ejizdigiňe düşün! Eýäňi tana! Wezipäň näme, bu dünýä näme üçin geldiň, şony bil!".

Diýmek, bu dünýäniň şady-horramlygy, lezzeti müdimi däl eken. Üstesine, bu dünýäniň lezzetleri halal bolmadyk ýagdaýynda, olar wagtlaýyndyr hem-de yzynda ynjydyr günä galdyryp gidýändir. Onda, "Şu hassalyk zerarly dünýäniň hözirini görüp bilmedim" diýip zeýrenme! GaýtamG hassalygyň ybadaty hasyl edip, sogap gazandyrýan taraplary hakda oýlan we ondan lezzet almaga çalyş!

## Ýedinji melhem

**Eý, sagdynlygyň eşretinden mahrum bolan hassa!**

Sen syrkaw haldakaň, Allanyň nygmatlarynyň lezzeti azalýandyr öýdýänsiň. Gaýtam, hassalyk nygmatdaky lezzetiň gadyryny bildirýär, hatda artdyrýar. Çünki islendik ýagdaý birsydyrgyn gaýtalanyp dursa, öz täsirini ýitirýär. Hatda hakykatşynas dana kişiler biragyzdan: اِنَّمَا الْاَشْيَاءُ تُعْرَفُ بِاَضْدَادِهَا"Her zat özüniň gapma-garşylygy bilen bilinýär" diýip belläpdirler. Meselem, garaňkylyk bolmasa, ýagtylyk bilinmezdi, onuň gadyry bolmazdy. Sowuk bolmasa, yssylyk bilinmezdi, onuň gadyry bolmazdy. Adam aç bolmasa, naharyň lezzetini näbilsin. Teşnelik bolmasa, suw içmekden lezzet alynmazdy. Bela-beter bolmasa, aman-

esenligiň mazasy bolmazdy. Hassalyk bolmasa, saglykdan lezzet alynmazdy.

Fatyry-Haki:m (barlyklary bir-birinden tapawutlandyryp, hikmetli ýaradan Alla) ynsan üçin dürli-dümen nygmatlar eçilipdir. Olardan dadyp görüp, şükür etmegini isläpdir. Munuň üçin bolsa Ol adamy örän köp agzalar bilen üpjün edipdir. Bu bolsa, saglygyň we aman-esenligiň berlen ýerinde, hassalykdyr bela-beteriňem beriljekdigini aňladýar.

Ýogsa-da, meniň saňa bir soragym bar: "Hemişe dokuzyň düzüw bolup gezip ýören bolsadyň, eldir aşgazan arkaly Allanyň nygmatlaryndan alynýan lezzetleri duýup bilermidiň? Şolar üçin şükür edermidiň? Şükür etmek beýlede dursun hatda bu zatlar hakda pikir hem etmezdiň. Sag gezip ýörseň, şagal mesligini ederdiň, gaflata düşerdiň, günälere baş goşardyň".

## Sekizinji melhem

Eý, ahyretini gaýgy edýän hassa! Sabynyň kiri arassalaýşy ýaly, hassalygam adamy günälerden arassalaýandyr. Hassalyklar adamyň günäleriniň dökülmegine sebäp bolýandygy hakda hadyslarda hem aýdylýandyr. Şeýle hadyslaryň birinde "Miwesi ýetişen agajy silkeniňde, miweleriniň dökülişi ýaly, hassalykdan ýaňa titräp ýatan musulmanyňam günäleri dökülýändir" diýilýär.

Günäler ahyretiň müdimi hassalyklarydyr. Bu dünýede bolsa olar adamyň kalbyna, wyždanyna ezýet çekdirýän, ruhuna ýara salýan hassalykdyr. Eger, sen bu hassalygyňa sabyr edip, arzy-şikaýat etmeseň, geldi-geçer bu hassalygyň saýasynda ebedi hassalyklardan gutularsyň.

Eger günäden gaça durmaýan bolsaň, ahyreti ýatlamaýan bolsaň ýa-da Allany tanaman ýaşap ýören biri bolsaň, onda sen şeýle bir aýylganç kesele ýolugypsyň welin, bu kesel seniň ten agyrylaryňdan million esse howpludyr. Ana, şonuň üçin agla! Çünki dünýäniň ähli barlyklary bilen seniň kalbyň, ruhuň we bütin agzalaryň arasynda berk baglanyşyk bardyr. Her bir ölüm-ýitimdir aýralyk hadysasy şol baglanyşygy üzýär. Sende çäksiz ýaralar döredýär. Ylaýta-da, ahyretden habaryň ýok bolaýsa, ölümi müdimi ýokluk diýip oýlaýan bolsaň dagy, onda seni şeýle bir ýaralar gaplap alar welin, dünýäniň ululygyna barabar hassa bedeniň bolar.

Ilki bilen-ä, seniň tükeniksiz ýaradyr keselleriň mesgenine öwrülen bu ägirt uly ruhy bedeniňe em etmegiň gerek. Ýagny ony bejerjek "Iman" diýen dermany gözläp

tapmagyň gerek. Şeýdip, ynanç-ygtykadyňy düzeltmegiň gerek. Bu keseliň dermanyny tapmagyň iň gysga salgysy-da: maddy hassalyk zerarly syrylan gaflat perdesiniň arkasyndaky "ejizlik" we "çäresizlik" penjiresinden seredip, Beýik Kadyrallanyň gudratyna we rahmetine göz ýetirmekdir.

Hawa, Alla ynanmaýan adamyň dünýäsi beladan doludyr. Alla ynanýan adamyň dünýäsi nurdan doludyr, onuň ruhy belentdir. Muny her kim özüçe, imanynyň güýjüne görä duýar. Bu imandan ýüze çykan ruhy galkynyşyň, şypanyň we lezzetiň astynda maddy hassalyklaryň sähelçejik ynjysy aýrylar, ýok bolar gider.

## Dokuzynjy melhem

Eý, Halygyny tanaýan hassa! Hassalyk käte ölüme sebäp bolýandygy üçin, ondan gorkulýar, biynjalyk bolunýar. Hawa, gaflat ukusyndakylar ölüme gorkunç bir zat hökmünde garaýarlar. Şonuň üçin, ölüme sebäp bolup biljek hassalyk olary elewredýär.

**Birinjiden,**

şuny berk belle we şuňa ynan: "Ajaldan gutulma ýokdur. Ýazgyt üýtgeýän däldir". Agyr derde ýoluganyň ölmän, gaýtam onuň başujunda oturyp aglanyň, ýagny tut ýaly sagat adamyň ölenine, agyr ýatan şol hassanyň bolsa, sagalyp gidenine durmuşda az duşduňmy näme?!

**Ikinjiden,**

ölüm pikir edilişi ýaly gorkunç zat däl. Muny eserlerimiň köpüsinde Kurany-Haki:miň

nurunyň saýasynda edil çöp döwen ýaly subut edipdik:

"Ölüm - musulman üçin durmuşyň külpetlerinden dynmakdyr. Dünýä synagyndan, tälim we taglymat hökmündäki gulluk borjundan azat edilmekdir. O dünýä giden ýüzden togsan dokuz dost-ýarlaryňaa dogan-garyndaşlaryňa gowuşmagyň sebäpkäridir. Hakyky watanyňa, müdimi bagtyýarlykda ýaşalýan mekana barmak üçin açylan ýoldur. Dünýä zyndanyndan jennet bagy-bossanlygyna çakylykdyr. Halyky-Rahyma hyzmat eden guluň Halygyndan peşgeş almaga nobata durmagydyr."

Eger, ölüm şeýle zat bolýan bolsa, onda oňa gorkuly gözler bilen seretmeli däl-de, eýsem ony rahmetiň we bagtyýarlygyň başlangyjy saýmak gerek.

Käbir ýagşyzadalaryň ölmekden gorkmaklarynyň bolsa başga sebäbi bar: Olar has köp ýaşap, has köprägem haýyr-sogap gazanmak ilseýärler. Olar asla ölmekden gorkmaýarlar. Hawa, ölüm - iman getirenler üçin rahmet gapysydyr. Azgynlar üçin bolsa, ebedilik zulmat guýusydyr.

## Onunjy melhem

Eý, ýerliksiz aladalanýan hassa! Sen "agyr hassalyga uçradym" diýip, tukatlanýansyň. Beýdip, gam laýyna batyp otursaň, keseliň beterlär. Rast, hassalygyňdan dynmak isleýän bolsa, onda, ýerliksiz alada etmäňi goý-da, hassalygyň bähbitli, sogaply taraplary hakda oýlan. Onuň çalt geçip gitjekdigi barada oýlan! Gamlanma! Şeýtseň, onuň köküne palta urarsyň.

Emma hassalyk baradaky ýerliksiz alada hassalygy beterleşdirýär. Hawa, adam maddy hassalygy alada etdigiçe, göwnüçökgünlige uçraýandyr. Göwnüçökgünligi arka tutunan hassalygam kök urup, barha ornaşýandyr. Ýöne hassalyga kaýyl bolup, onuň hikmeti bilinse, onda adam özüniň keseli barada ýerliksiz alada etmesini goýar. Şunlukda, hassalygyň köküne palta urlar. Onsoň hassalyk ýuwaş-ýuwaşdan gowşap ugrar we onuň agramly bölegi aýrylar. Tersine, uly alada galynyp, peşeden pil ýasalanda bolsa, jinnek ýaly hassalyk, kä halatda batman ýaly ulalýar. Ýerliksiz aladanyň aradan aýrylmagy bilen bolsa, hassalygyň on böleginiň dokuzyndan dynylýar. Çendenaşa alada etmek hassalygy möwjedýär. Galyberse-de, bu Allany hikmetsizlikde, merhemetsizlikde

aýyplamak bolýandyr, Halyky-Rahyma nägilelik bildirmek manysyny-da aňladýandyr. Şonuň üçin, hassalygy alada bilen ýeňip geçjek bolýan bu tetellileriň derdi gaýtam agyrlaşýandyr.

Hawa, şüküranalyk bereket getirýän bolsa, nägileligem hassalygy, bela-beteri möwjedýändir. Bilip goý, gaýgyçyllygyň özi bir hassalykdyr. Bu hassalygyň dermany bolsa, sendäki maddy hassalygyň hikmetini bilmekdir. Hassalygyň hikmetini tapdyň, bähbitli taraplaryny bildiň, onda şeýle majuny "gaýgyçyllyk" atly ýaraňa çal, gutul! "Wah" ýerine "Eý-ho!" diý! Zeýrenmegiň deregine "Älhamdü lillahi ala külli hal" (Her halyma şükür edýärin ) diý.

## On birinji melhem

Eý, sabyrsyz hassa doganym! Dogry, bu hassalygyň saňa häzir ezýet çekdirýändir.

Ýöne başyňdan öňki geçen hassalyklar ýadyňa düşende ýa-da olaryň galdyran sogaplaryny ýatlanyňda, ruhy taýdan lezzet alýansyň. Ynha, indi, bu günden, hatda edil häzirki pursatdan soňky zaman heniz ýok. Şonuň üçin ýok zamanyň hassalygam ýok. Diýmek, ýok hassalygyň ynjysy-da ýok. Onda ýok ynjynyň yzasy hem ýok. Sen bolsa şol ýok zatlar üçin dowla düşüp, sabyrsyzlyk edýärsiň. Öten günleriň geçmişe öwrülendigi üçin, ol günlerdäki hassalygyňdan nam-nyşan galmady. Şonuň bilen birlikde, olaryň ynjysy-da galmady. Ol hassalyklardan saňa diňe sogap hem-de geçip gitmegiň lezzeti galdy. Ine, şol geçmişdäki hassalygyň bähbitli taraplaryny oýlap, begenip-şatlanmagyň deregine, olary ýatlap, gam çekmegiň we sabyrsyzlyk etmegiň samsyklykdyr. Gelejek günler bolsa, heniz gelenok. Heniz şu wagtdan ýok

günüň ýok hassalygynyň ýok ynjysy üçin dowla düşmek, uly-alada galmak, sabyrsyzlyk etmek, ýagny üç sany ýok zada bar ýaly garamak, eýsem akmaklyk bolman, başga näme bolsun?!

Eger geçmişdäki hassa bolup geçiren günleriň edil şu pursat seni begendirýän bolsa, şeýle-de bu sagatdan soňky zaman heniz ýok bolsa, onuň hassalygam ýok bolsa, ýok hassalygynyň ynjysy-da ýok bolsa, onda Haktagalanyň saňa edil şu pursatda ulanmak üçin beren sabyr güýjüni saga-sola dargadyp, harlama! Ony edil häzir çekýän ynjyň üçin ulan! "Ýa Sabur!" diý, sabyr et!

## On ikinji melhem

Eý, hassalygy zerarly ybadatyny, zikrini ýerine ýetirip bilmeýänine gynanýan hassa! Şuny berk belle: "Takwa mümin bitap hala

düşüp, hemişeki okaýan wirdlerini okap bilmese-de, barybir, şol wirdlerini okaýan ýaly sogap gazanýar" diýip, hadysda aýdylýar. Eger sabyrly bolup, Biribara bil baglap, mümkin boldugyça, parz amalyny berjaý etse, onuň bu görkezen yhlasy üçin, hassalyk beýleki sünnet amallarynyň öwezini doldurar. Şeýle hem, adam hassalygyň saýasynda özüniň ejizligini, özgä mätäçligini duýýar. Hassanyň bu ejizligi, çäresizligi onuň dileg-dogasydyr. Munuň üstüni bolsa diliň dileg-dogasy ýetirýändir. Hawa, Haktagala ynsana mydama öz dergähine el açyp, ýalbaryp-ýakarar ýaly, çäksiz ejizlik, çäksiz mätäçlik beripdir.

قُلْ مَا يَعْبَؤُا بِكُمْ رَبِّى لَوْلَا دُعَآؤُكُمْ "Eger dileg-doga kylmasaňyz, Perwerdigärim size perwaý etmez" aýatynda ündelýän, adamzadyň ýaradylyşynyň hikmeti bolan we onuň ähmiýetini artdyrýan doga-dilegiň çyn

ýürekden edilmegi hassalyk bilen amala aşýandyr. Adamy doga-dileg etmäge iterýän zat hassalykdyr. Şonuň üçin adam hassalygyndan nägile bolman, gaýtam munuň üçin Alla şükür etmelidir. Saglygyna gowşanyndan soň bolsa, hassalygyň açyp giden "dileg-doga" akabasynyň öňüne böwet goýmaly däldir.

## On üçünji melhem

Eý, hassalygyndan şikaýat edýän biçäre adam! Hassalyk käbir adam üçin genji-hazynadyr, Allanyň örän gymmatbaha sowgadydyr. Derde ýoluganlar öz hassalygyna-da şu nazardan seredip biler. Onsoňam ajalyň haçan ýakamyzdan ýapyşjakdygy belli däl. Sebäp diýsek, Haktagala adamyň öz ömrüni umytsyzlykda hem-de gaflatda ýaşap geçirmegini islemändir. Ajalyň haçan geljegini duýdurmaýandygynyň hikmeti hem şodur.

Şeýdip, Allatagala adamy gorky bilen umydyň saýasynda hem bu dünýäsini, hem ahyretini gorap biljek hala salypdyr. Diýmek, her dem ajal gelip biler. Eger ynsan gaflatdaka oňa aw bolaýsa, baky ýaşaýşyna kän zeleli deger. Hassalyk bolsa adamy gaflat ukusyndan oýarýar. Oňa ahyreti hem ölümi ýatladýar. Adamam şoňa görä ýol şaýyny tutýar.

Onsoňam, hassalygyň käte şeýle bir nepi degýär welin, adamy ýigrimi ýylda ýetip bilmejek derejesine ýigrimi günde ýetirýär oturyberýär. Meselem, egindeşlerimden, Ilama obasyndan Sabry we Yslamköý obasyndan Wezirzada Mustafa atly iki ýaş ýigit bardy (Alla rahmet etsin). Olar bisowadam bolsalar, örän yhlaslydylar. Iman hyzmatynda öňe saýlanýardylar. Men bu ýagdaýa gaty geň galardym. Hikmetini bilmeýärdim. Görüp otursam, bularyň

ikisem agyr hassa eken. Muny men olar dünýäden ötensoň bilip galdym. Diýmek, hassalyk olara ýolbeletlik eden eken. Hassalygyň saýasynda olar gaflata düşen, parzlaryny terk eden ýaşlardan tapawutlylykda, takwalygy elden bermändirler. Olar ahyretlerine bähbitli bolan iň ähmiýetli iman hyzmatyna gol beripdiler. Enşalla, bu neresseleriň iki ýyllyk agyr hassalygy millionlarça ýyllyk baky bagtyýar durmuşy gazandyrar. Käte olaryň aramyzda sag-aman gezip ýörmegini Alladan dilärdim. Meniň o dileglerimiň olar üçin bähbitli bolmandygyna indi düşünýärin. Ýöne, enşalla, eden dileg-dogalarym olara ahyret salamatlygyny gazandyrar.

Men bu iki egindeşimiň on ýyllyk takwa durmuşyň netijesinde ýetilýän ägirt uly mertebä ýetendiklerine ikuçsuz ynanýaryn.

Eger olaram käbir ýaşlar ýalyb saglygyna we ýaşlygyna aldanyp, gaflata düşüp, günä işlere baş goşan bolsadylar, ajalam olary günä işleýärkäler gapyl basan bolsady, olaryň gabyrlary nurly hazyna däl-de, içýandyr ýylanlaryň hinine öwrülerdi.

Eger hassalyk saňa şunuň ýaly düşewünt getirýän bolsa, onda, hassalygyňdan nägile bolma! Allatagala bil bagla, sabyrly bol, hatda şükür et! Allanyň merhemetine ynan!

## On dördünji melhem

Eý, gözüne perde inen hassa! Eger musulmanyň gözüne inen perdäniň aňyrsynda başga bir nurana gözüň bardygyny bilsediň, Rabby-Rahyma ýüz müň öwran şükür ederdiň. Has düşnükli bolar ýaly, bir wakany gürrüň bereýin:

Barladakam sekiz ýyllap meniň bir diýenimi iki gaýtalatman hyzmatymda duran Süleýman atly şägirdim bardy. Süleýmanyň maňa bolan wepadarlygyna söz ýokdy. Onuň bibisiniň gözi gapylan eken. Dinine berk ýapyşýan bu aýal bir gezek meni metjidiň öňünde saklady. Özi mübärek bolansoň, men hakynda-da şeýle pikirdedir-dä biçäre. "Gözüm açylar ýaly, meniň üçin dileg-doga et" diýip haýyş etdi. Menem: "Ýa, Hudaý-a Seniň yşgyna düşen bu mübarek dindar zenanyň päkizeliginiň hormatyna onuň gözüni aç" diýip, dileg etdim. Ertesi gün Burdur şäherinden göz lukmany gelip, ýaňky zenanyň gözüni açdy oturyberdi. Ýöne kyrk gün soňra gözi ýene gapyldy. Men gaty gynandym. Onuň üçin ýene dileg-doga etdim. Enşalla, şol dileglerim onuň ahyretine peýdaly bolar. Ýogsam, ol dileg-dogalarym, ters doga ýaly

hem bolup biler. Çünki onuň ajalyna kyrk gün galan eken. Kyrk gün soňra aradan çykdy (Alla rahmet etsin).

Ine, bu merhum aýala özüniň kütelişen gözi bilen kyrk gün Barlanyň baglaryny synlap, ýüregini paralamagyň deregine, gabyrda müňlerçe kyrk gün jennet baglaryna tomaşa etmek nesip etdi. Çünki ol dini-imanyna gaty gaýym zenandy.

Hawa, musulman adamyň gözi görmän galsa, şol haly bilen dünýäden ötse, onda onuň gabyrda nurly äleme tomaşa edişi imanynyň derejesine görä, beýleki gabyr ýaşaýýjylarynyňkydan has tapawutly bolar. Meselem, biziň gözümiz sagat bolansoň, bu ýerde köp zady görýäris, emma gözi görmeýän mümin doganlarymyz welin, görmeýärler. Ana, olar gabra iman bilen girseler, ol ýerde iman derejesine görä, jennet baglaryna beýlekilerden has

artygrak tomaşa ederler. Ýagny dürbüden seredýän ýaly ýa-da hamana kino tomaşa edýän ýaly jennet baglaryny synlap bilerler.

Hawa, gözi görmeýän adam şüküranalygy, sabyrlylygy elden bermese, heniz toprak astyndaka göklerdäki nurana jennete tomaşa etmek bagtyna miýýeser bolar. Göze inen perdäni aýyrjak göz lukmany bolsa Kurany-Haki:mdir.

## On bäşinji melhem

Eý, agyrysyna çydaman, iňläp ýatan hassa! Sen öz hassalygyňa daşyndan seredip, darykma! Sen onuň düýp manysyna düşün! Eger hassalygyň aňyrsynda haýyr ýatmadyk bolsady, onda Halyky-Rahym iň söýgüli gullaryna näme üçin hassalyk bersin?!

Bir hadysda;

اَشَدُّ النَّاسِ بَلَاءً اَلْاَنْبِيَاءُ ثُمَّ الْاَوْلِيَاءُ اَلْاَمْثَلُ فَالْاَمْثَلُ

"Iň köp bela-beter ynsanlaryň iň kämilleri bolan pygamberlerdir ýagşyzadalaryň başyna gelendir" diýilýär. Pygamberlerden Eýýub (aleýhissalam) pygamberi diýjekmi, welilerdir takwa ärlerini diýjekmi - hemmesem hassalygy halys ýürekden berjaý edilýän gullugyň çeşmesi, Rahmanyň ynsana eçilen sowgady saýypdyrlar. Sabry, şüküri elden bermändirler. Hassalykdyr bela-beterleri Halyky-Rahymyň rahmetiniň özboluşly operasiýasy saýypdyrlar.

Eý, gan eňreýän hassa! Senem şol nuranalaryň hataryna goşulmak isleýän bolsaň, sabyrly bol! Şüküranalygy elden berme! Beýdip gan aglap oturşyňa, olar seni öz aralaryna almazlar. Bu bolşuňa, hol gaflata düşenleriň ýykylan gorpuna senem ýykylarsyň. Şolaryň düşen garaňky ýoluna senem goşularsyň.

Şeýle bir hassalyklar bar welin, eger onuň soňy ölüme ýazsa, hassany şehitlik ýaly welilik mertebesine ýetirýär. Meselem, çaga dogurmagyň netijesinde dörän hassalykdan,

{Çaga dogran zenan heniz kyrk çilleden çykmanka aradan çykan ýagdaýynda, şehitlik mertebesine ulaşýandyr.}

suw ýa-da ýangyn heläkçiliginden, mergi ýaly kesellerden aradan çykanlar şehit hökmündedirler. Ine, şeýle mübärek hassalyklardan ölen adam welilik mertebesine ýetýär. Galyberse-de, hassalyk adamyň bu dünýä bolan höwesini kemeldýär. Hassalyk adamy dünýä örkleýän baglary gowşadýar. Şol sebäpli, hassa adamlar dünýä aşyklary ýaly, öz ömür tanaplarynyň üzülip, bu dünýeden sogrulyp gitjekdiklerine gynanyp durmaýarlar. Olara

aýralygy kabul etmek aňsat düşýär. Hatda aýrylyp gidenlerini kem hem görmeýärler.

## On altynjy melhem

Eý, düşen gününden zeýrenýän hassa! Hassalyk adamlaryň birek-birege sylaşykly we merhemetli bolmagyny ýola goýýar. Bu bolsa jemgyýet üçin örän uly ähmiýete eýedir, jemgyýetiň peýdasynadyr. Özüni maddy we ruhy taýdan baý-bihajat bilýän adama bolsa, bu zatlar ýatdyr. Onuň bolşy ýyrtyjy haýwandan enaýy däldir. Gaty doňýürekdir. Ony bu ýagdaýdan halas edýän zat hassalykdyr. Hawa,

اِنَّ اْلاِنْسَانَ لَيَطْغٰى * اَنْ رَاٰهُ اسْتَغْنٰى

aýatyna salgylansak, dokuzy düzüw adam özüniň betpygyl nebsine uýup, sylag-hormaty, dostluk-doganlygy unudýar. Derde ýolugan, mähir-merhemete mätäç adamlara onuň nebsi agyrmaýar. Ýöne ol

hassalanyp, ejizligini we mätäçligini duýýaram welin, ýakyn-ýaranlary gözüne has yssy görnüp başlaýar. Hassalygynda halyndan habar alan, el-aýak ýaly ýumşunda duran mümin doganlaryna hormaty başgaça bolýar. Ýagny yasawyndaky adam jynsyna bolan rehimdarlyk duýgusyna (musulmançylykda betbagtçylyga uçran adama rehim etmek ýokary ahlak saýylýar) ýene jan girýär. Onsoň ol haýsy dertlini görse, özüni onuň ornunda goýup görýär. Netijede, derde uçrana hakykatdanam ýüregi awaýar. Onuň üçin elinden gelenini aýamaýar. Iň bolmanda onuň saglygynyň dikelmegi üçin dileg-doga edýär. Iň bolmanda, onuň halyndan habar alyp, bir sünneti berjaý etmek bilen, agmaly-namasyna sogap ýazdyrýar.

## On ýedinji melhem

Eý, hassalygy zerarly haýyrly işler edip bilmeýändiginden zeýrenýän hassa! Şükür et! Hassalyk sap, arassa, haýyrly işlere ýol açýar. Hassalyk syrkawyň özüne-de, Allanyň razylygy üçin oňa seredýäne-de dowamly sogap gazandyrýar. Onsoňam, hassalyk doga-dilegiň kabul bolmagynyňam iň möhüm sebäbidir.

Hawa, syrkawa göz-gulak bolýan mümininiň agmaly-namasyna ýazylan sogabyň orny bir başga bolýandyr. Hassanyň halyndan habar almak sünnetdir (ýöne hassany biynjalyk etmezlik şerti bilen). Bu -pygamberimizden miras galan urp-adatdyr. Hawa, hassanyň ýanyna "emgegi irsine" baran musulmanyň günäsi ýuwulýandyr. Bir hadysda "Hassanyň dileg-

dogasyny alyň, olar näme dilese, kabul bolýandyr" diýilýär. Aýratynam, derde ýolugan ýakyn garyndaşyň bolsa, esasanam, eneň ýa-da ataň bolsa, olara hyzmat etmek ybadat saýylýar, uly sogapdyr. Hassany hoşnut etmek, oňa teselli bermegem sadaka ornuna geçýändir. Ata-enesi hassa çagynda olaryň näzik ýüreklerini ynjytman, göwünlerini şat edýän, olaryň haýyrly dileg-dogalaryny alýan perzendiň bagtynyň çüwdügidir.

Hawa, adamzadyň aýratyn hormatyna mynasyp bolan hakykatyna - ene-ata mähir-merhemetine jogap hökmünde, ene-atasy hassa çagynda perzentlik borjuny birkemsiz berjaý edýän ýagşy zürýadyň halyna we ynsanlyk mertebesiniň belentligini görkezýän wepadarlyk nusgasyna perişdelerem "Maşalla, berekella" diýip, alkyş baryny ýagdyrýarlar.

Hawa, syrkaw adamyň töweregini mähir-merhemet gurşap alýandyr. Bu ýagdaý bolsa hassanyň derdini ýeňledýär, onuň janyna hoş ýakýar. Oňa rahatlyk, ruhy lezzet berýär.

Indi bolsa, syrkawyň dileginiň kabul bolýandygy baradaky ähmiýetli meseläniň üstünde duralyň.

Ynha, kebzämdäki agyrynyň aýrylmagyny Alladan diläp ýörenime otuz-kyrk ýyl-a bolandyr, ýöne hiç aýrylyp gidibermeýär. Men mundan şeýle netijä geldim: Hassalyk dileg-doga etmek üçin berlipdir. Dileg edileni bilen hassalyk (hassalygyň özi dileg-dogadyr) aýrylyp gitmeýän bolsa, onuň netijesi ahyrete goýulýar. Hawa, hassalygyň özem ybadatyň

{Hawa, käbir hassalyklar Allatagala sygynmaklyga sebäp bolýar. Indi, doga-

dileg hassalygyň aýrylyp gitmegine sebäp bolýar diýsek, onda doga öz-özüniň aýrylmagyna sebäp bolýar diýdigimiz bolýar. Bu bolsa, nädogrudyr.}

bir görnüşi bolup, ynsan onuň saýasynda ejizligine göz ýetirýär. Netijede Allanyň dergähine sygynýar. Şonuň üçin otuz ýyldan bäri Alladan şypa diläp edýän dileg-dogalarym kabul bolmaýan ýaly görünse-de, dileg-doga etmegi goýmadym, dowam etdim. Şypa diläp edýän dogamy terk etmek oýuma-da gelmedi. Çünki hassalyk dileg-doga etmegiň wagtydyr. Hassalykdan gutulan adam dileg-doganyň netijesinde şypa tapandyryn öýtmeli däldir. Şypanyň Rehimdar Hikmetli Ýaradyjy Haktagalanyň fazly kereminden gelendigini bilmelidir.

Ýene-de bellemeli zadyň biri-de, dilegimiz edil isleýşimiz ýaly kabul bolmadyk ýagdaýynda, "Dilegim kabul bolmady"

diýilmeli däldir. Çünki bize nämäniň haýyrlydygyny ýa-da däldigini Hikmetli Ýaradyjymyzyň Özi gowy bilýändir. Ol bize näme peýdaly boljak bolsa, şony berýändir. Kämahal dünýämiz üçin dileýän zadymyzy bermeýän bolsa, diýmek ol biziň üçin bähbitli däldir. Ony ahyretimize goýýandyr. Bu bolsa dileg-dogamyzyň kabul boldugydyr.

Gepiň gysgasy, hassalygyň saýasynda halys ýürekden edilen dileg-doga, esasanam, çäresizligiňi, ejizligiňi we mätäçligiňi doly duýlup edilen dileg-doga kabul bolmaga has ýakyndyr. Hawa, hassalyk dileg-doganyň yhlas bilen edilmegine sebäp bolýar. Dindar hassa we oňa hyzmat edýän mümin bu hili dileg-dogadan peýdalanmak mümkinçiligini elden gidermeli däldir.

## On sekizinji melhem

Eý, şükür etmesini goýup, arzy-şikaýata başlan hassa! Arzy-şikaýat haky köýeniň pişesidir. Ýa seniňem hakyň köýdümi? Ýöne ynha, seniň özüňe bergili diýseň boljak. Sebäbi heniz sen boýnuňdaky borjuň bolan şükürleriňi berjaý etmediň. Haktagala bolan bergiňi üzmänsiň. Ýene-de, hak talap edenem bolýaň, hamana, hakyň köýen ýaly, tutdurdyň arzy-şikaýata. Onsoňam sen näme üçin sag gezip ýörenlere seredip, hassalygyňdan nägile bolýarsyň?! Gaýtam, özüňkiden has agyr derde ýolugan biçärelere seredip, şükür etseň bolmaýarmy?! Seniň boýnuňdaky borjuň şol dälmidir?!

Elim döwüldi diýip, nägile bolýaňmy, eli kesilenem-ä bar! Bir gözüm görmeýär diýip

nägile bolýaňmy, iki gözi görmeýänem-ä bar! Ana, şolara seret-de, şükür et!

Hawa, maddy baýlykda özünden ýokardaka seredip, arzy-şikaýat etmäge hiç kimiň haky ýokdur. Başa bela gelende bolsa, şüküri elden bermez ýaly, özüňden has betere seretmelidir.

Bu babatda başga eserimde hem beýan edipdim. Ýeri gelendigi üçin, bu ýerde hem şony gysgaça ýatlap geçýäris:

Bir baý adam garyp biçäräniň birine minarany görkezip, onuň çür depesine çykmagy buýurýar. Ýaňky baý adam minaranyň her basganç agynda şol adama üýtgeşik bir sowgat berýär. Bu ýagdaý minaranyň tä çür depesine çykylýança dowam edýär. Minaranyň iň ýokarysyna ýetende, yaňky adam oňa iň gymmatbaha sowgadyny gowşurýar. Ynha, indi bu garyp

adam şol sowgatlar üçin ol baýa sag bolsun aýdyp, minnetdarlyk bildirmeli gerek? Emma, ol beýtmeýär. Gözi zatdan doýmaýan bu adam berlen sowgatlar-a bir unudýar, iň erbedem, ol sowgatlara göwni ýetmediksirän bolýar. Onsoň ol tetellide minnetdarlyk näme işlesin?! Gaýtam, gözüni göge dikip: "Käşgä, minara mundanam belent bolsady. Menem belentden-belende çyksadym! Näme üçin bu minara o dag ýaly ýa-da hol minara ýaly belent edip gurulmandyr?" diýip, nägile bolýar. Ynha, indi bu adamyň şeýle gadyrbilmez bolmagy dogrumy eýsem?!

Ynsan hem ýokdan bar edilýändir. Ol daş ýa agaç ýa-da haýwan däl-de, ynsan edilip ýaradylypdyr. Özüne-de musulman bolmak bagty hem nesip edipdir. Ömrüniň köp bölegi asudalykda we aman-esenlikde geçýär. Nygmatyňam iň gowularyndan

peýdalanýar. Ýöne käbir sebäplere görä, saglyk-esenlik ýaly nygmatlara laýyk görülmeýän we gara nebsine uýup, öz saglygyna özi zyýan ýetirýän adamyň: "Bu bela başyma geler ýaly, men näme etdim?!" diýip, aglap-eňremegi, dargursaklyk etmegi, onuň Allanyň dolandyryjylygyny tankyt etdigi bolýar. Bu bolsa onuň maddy hassalykdan beterine - ruhy hassalyk belasyna uçradygydyr. Onuň bu bolşy, eliniň döwükligine garamazdan, ýakalaşyp, elini agyrdýan adamyň halyna meňzeýär. Ýagny nägilelik bildirmek bilen, hassalygyny beterledýär. Akylly adam diýeniň munuň ýaly ýagdaýda

لِكُلِّ مُصِيبَةٍ اِنَّا لِلّٰهِ وَاِنَّا اِلَيْهِ رَاجِعُونَ

aýatyny özüne pent ediner. Hassalyk öz işini bitirip gidýänçä, sabyr edýänidir.

## On dokuzynjy melhem

Jemili-Züljelalyň atlarynyň ählisiniň gözeldigini "Esmaül-Husna" diýlen samedany atlandyryşyň özi subut edýär. Barlyklaryň arasynda iň owadan, iň gözel, iň mazmunly samediýet

{Samed - Her zadyň mätäç bolanyH emma Özi hiç zada mätäç bolmadyk Alla.}

aýnasy bolsa ýaşaýyşdyr. Gözeliň aýnasy-da gözel bolýandyr. Gözeliň gözelliklerini görkezýän aýnanyň özem gözelleşýändir. Gözelden aýna şöhlelenýän zatlaryň ählisi-de gözeldir. Edil şonuň ýaly-da, ýaşaýyşda bolup geçýän zatlaryň ählisi-de, hakykatda, gözeldir. Çünki ýaşaýyşda bolup geçýän her bir ahwalat Allanyň gözel atlarynyň gözel nagyşlaryny görkezýändir.

Eger ýaşaýyş birsyhly gülala-güllükde geçip duran bolsa, onda ol ýüzi tutuksy

aýnadan enaýy bolmaz. Hatda, beýle ýaşaýyş ýoklugy, hiçligi ýatladyp, adamyň jegebesini darykdyrar. Ýaşaýşyň gymmatyny gaçyrar. Ýaşaýyşdan lezzet aldyrman, ony güzaba öwrer. Onsoň beýle ýagdaýa düşen adamyň bar aladasy wagtyny çalt geçirmek bolar. Bu sebäpli ýa azgynçylyga ýa-da boş güýmenjelere baş goşar. Tussagdaky adama meňzäp, öz gymmatly wagtynyň duşmany ýaly, ony eýdip-beýdip öldürmekçi bolar.

Emma her hili röwüşde geçýän, her hili hörpde aýlanyp duran ýaşaýyş öz gadyr-gymmatyny bildirer, ömrüň ähmiýetini we lezzetini duýdurar. Muny duýan adamyň durmuşy muşakgatly we bela-beterli hem bolsa, ol öz ömrüniň geçmegini islemez. "Gün ýaşmady-ow ýa-da haçan daň atarka" diýip, içini it ýyrtar.

Hawa, mes, dokuzy düzüw, bikär entäp ýören baý adamdan: "Halyň niçik?" diýip sorap gör, hany, ol näme jogap berýär. Elbetde, ol: "Wagt geçiberenok, gel şeşe-peş oýnaly" ýa-da "Wagt geçirmek üçin bir güýmenje tapaly" diýer.. Dünýesi dolam bolsa "Pylan zadym kem, käşgä, şoňa-da ýetsem" diýip, zeýrener.

Emma sen kynçylyga uçran ýa-da agyr zähmet bilen gününi aýlaýan bir garyp-pukaradan: "Halyň niçik?" diýip sorap gör! Eger ol akylly-başly biri bolsa-ha: "Hudaýa şükür, oňat, edere iş kän. Käşgä, gündiz has hem uzynrak bolsady. Işlerime ýetişemok. Wagt örän tiz geçýär. Ömür gidip barýar. Dogrusy, kynçylygam çekýän, ýöne näme, bu-da geçer-dä. Bolmanda, her zadam şeýle çalt geçip dur" diýer. Onuň bu sözlerinden ömrüň gymmatyny bilýändigini, ýaşaýşyň geçip barýanyna

gynanýandygyny duýmak bolýar. Diýmek, durmuşdaky kynçylyklar, agyr zähmet ýaly zatlar ýaşaýşyň lezzetini bildirýär, onuň gymmatyny görkezýär. Emma birsyhly dowam edýän rahatlyk, sag-salamatlyk bolsa, ýaşaýşyň lezzetini gaçyrýar, ömrüň bahym geçip gitmegini arzuw etdirýär.

Eý, hassa doganym! Şuny berk belle: başga eserlerimde hem giňişleýin we anyk subut edişim ýaly, bela-beteriň, şeriň, hatda günäniň esasy özeni ýoklukdyr. Ýokluk bolsa şerdir, tümlükdir. Meselem, rahatlyk, ümsümlik, durgunlyk ýaly halatlaryň birsydyrgyn dowam etmegi ýokluga, hiçlige ýakynlygy sebäpli, ýoklukdaky tümlügi duýduryp, kejebäňi daraldyberýär. Hereket we özgerişlik bolsa barlygyň alamatydyr. Barlyk bolsa düýp-teýkary bilen haýyrdyr, nurdur.

Diýmek, onda hassalyk adamyň gymmatly ömrüni saplamak, kuwwatlandyrmak, ösdürmek we bedenindäki beýleki agzalaryny ol hassa agzanyň töweregine ýardam üçin jemlemek we Hikmetli Ýaradyjynyň atlarynyň nagyşlaryny görkezmek ýaly ençeme peýdaly işleri amala aşyrsyn diýlip, ynsanyň bedenine myhman hökmünde iberilen eken. Enşalla, hassalyk öz işini tizden-tiz bitirip, saglyga: "Gel sen, meniň ýerime geç. Bu ýerde hemişelik gal. Indi sen öz borjuňy berjaý et. Bu öý indi seniňki, sag-aman gal" diýip, çykyp gitjek eken.

## Ýigrminji melhem

Eý, derdine derman gözleýän hassa! Hassalyk iki hili bolýandyr. Biri hakyky hassalyk, beýlekisi was-waslykdyr.

Hakyky bolan hassalyklar babatynda aýtsak, Şa:fiý-Haki:mi-Züljelal özüniň ägirt uly dermanhanasy bolan Ýer togalagynda her derdiň dermanyny taýýarlap goýupdyr. Ol dermanlar bolsa bejerilmeli dertleri talap edýärler.

Hawa, Allatagala her derdiň dermanyny ýaradypdyr. Derdiňe şypa tapmak üçin dermanhanadan derman al, ulan, muňa rugsat bar. Ýöne olara täsir etdirjek we şypany berjek güýjüň bolsa Beýik Biribardygyny hergiz unutma. Dermany beren, şypasyny-da berer.

Işine ökde, tejribeli, dindar lukmanyň nesihatyna uýmak örän ähmiýetlidir, ol hem bir dermandyr. Çünki köp keselleriň döremegine adamyň nädogry ýaşaýşy, aşa iýip-içmegi, isripçil bolmagy, hatalardyr azgynçylyk we ünssüzlik ýaly zatlar sebäp bolýar. Dindar lukman bolsa, elbetde,

şerigatyň kada-kanunlaryna laýyklykda öwüt-nesihat berýär. Nädogry ýaşaýşy, isripçilligi bütinleý gadagan edýär. Syrkawa teselli bermegi unutmaýar. Ynha, bu lukmanyň maslahatyna uýan hassanyň derdem ýeňlär, göwnem giňär.

Was-waslyk keseli hakynda aýtsak, onuň iň oňat dermany oňa üns bermezlikdir. Sebäbi oňa üns berdigiňçe, ol beterleşýär, ulalýar. Üns bermeseň welin, ol gowşaýar, soňam ýok bolup gidýär. Mysal üçin, sen arylardan gorkup eliňi galgadyberseň, olar saňa topular. Üns bermeseň welin, topulmazlar. Ýa bolmasa, garaňkyda gidip barýakaň, ýerde ýatan ýüpi görüp, nämekä diýip dowla düşüberseň, "Gorkana goşa görner" diýleni bolar. Hatda was-wasa düşüp, şol ýerden dälirän ýaly gaçarsyňam. Eger üns bermeseň, ýatan zadyň ýönekeýje bir ýüpdügini, ýylan däldigini görersiň.

Onsoň dowla düşüp, bolup ýörşüne, baý, gülersiň.

Adamyň was-waslyk keseli uzak dowam ediberse, onda ol hakykata öwrüler. Bu kesele ýoluganlaryň köpüsi was-wasy we gaharjaň adamlar bolýandyr. Munuň ýaly adamlar peşeden pil ýasagandyr, ruhy taýdan gowşakdyrlar. Bularyň bagtyna rehimsiz, emelsiz we ynsapsyz lukman gabat geläýse dagy, dertleri has hem beterlär. Ana, onsoň ol baý biri bolsa-ha bar baýlygyndan, bolmasa-da, akylyndan ýa-da saglygyndan dynar.

## Ýigrimi birinji melhem

Eý, hassa doganym! Dogry, sen hassalyk zerarly maddy agyry duýýaň, ýöne muňa derek agyrynyň täsirini ýok edip biljek ep-esli ruhy lezzetler seni gurşap alýandyr. Çünki saňa ýat bolup giden bir mahalky

duýgularyň, ene-atańdan we dogan-garyndaşlaryňdan gören örän lezzetli mähir-şepagatlaryň töweregiňde täzeden peýda bolýar. Çagalyk döwrüňde galan mähirli garaýyşlar daşyňda täzeden kökenek gerýär. Galyberse, başyňa gelen bu hassalyk şu wagta deňiç unudulyp gelen dostana gatnaşyklaryň üstüni açýar welin, indi şol dostlaryň saňa ýene-de muhabbet bilen garaýarlar. Şonuň üçin, hassalygyň saňa çekdirýän maddy agyrysy ýokardaky sananlarymyzyň ýanynda hiç zat bolup galýar.

Şeýle hem, seniň höwes bilen hyzmatyny edýän hem-de alkyşyny aljak bolýan adamlaryň özleri, indi şu hassalygyň sebäpli, saňa mähir-muhabbet bilen garaýarlar, olaryň özleri saňa hyzmat edýärler. Gördüňmi, bu hassalyk seni hojaýynlaryňa hojaýyn hem etdi. Onuň

saýasaynda adamlaryň tebigatyndaky duýgudaşlyk we mähir-şepagat etmek duýgusy oýanyp, birdenem, daşyňda birgiden mähirli kömekçi ýar-dostlaryň peýda boldy. Şeýle hem, şu hassalyk seni örän agyr işleriňden dynç alşa çykardy.

Diýmek, onda sen bu hassalygyň sähelçe agyrysy zerarly nägile bolmagyň deregine, gaýtam, munça ruhy lezzetleri gazandyrýandygy üçin oňa minnetdar bolmalysyň.

## Ýigrimi ikinji melhem

Eý, ysmaz ýaly agyr hassalyklara ýolugan doganlarym! Owaly bilen, ysmaz keseliniň mümin üçin mübärek hassalyk hasaplanýandygyny size buşlaýaryn. Men bu barada welilerden hem eşidipdim. Ýöne syryny welin bilmeýärdim. Munuň bir hikmeti kalbyma aýan edildi:

Allanyň söýgüsine miýesser bolan ýagşyzadalar Haka gowuşmak üçin, bu dünýäniň uly ruhy howplaryndan halas bolmak üçin we ebedi bagtyýarlygy kepillendirmek üçin iki ýörelgä eýeripdirler:

**Birinjisi**.

Bu dünýäniň pany bolşy ýaly, özleriniň hem başy ölümlidigini, bu ýalança öz borçlaryny berjaý etmäge gelen myhmanlardygyny köp ýatlapdyrlar. Şeýdip, ebedi ýaşaýşa taýýarlyk görüpdirler.

**Ikinjisi.**

Betpygyl nebsiň kör duýgularynyň howplaryndan halas bolmak üçin, çillä, ryýazata, ýagny terkidünýälige ýüz urup, nebislerini öldürmäge synanyşypdyrlar.

Eý, bedeniniň ýarysy ysmaýan doganym! Ynha, saňa biygtyýar berlen, bagtyýarlygy

gysga hem aňsat gazandyrýan iki ýol! Hawa, seniň bedeniň bu haly dünýäniňem, adamzadyňam panydygyny yzygiderli ýatladýar. Şonuň üçinem, bu dünýä seni aldap bilmeýär, gaflata düşüp, gözüň gapylmaýar. Onsoňam, betpygyl nebis eli-aýagy ysmaýan ýarym adamy masgaraçylylykly, pis isleglerniň toruna düşürip bilmeýär. Bu derde ýolugan adam nebis belasyndan bahym halas bolýar.

Ynha, mümin adam imanyň berýän güýjüne daýanyp, Allatagala doly boýun bolup we diňe Oňa bil baglap, özüniň bu ysmaz kesilini çille hökmünde ulansa, welileriň uzak wagtda gazananlaryna sähel wagtda ýetip biler. Şunlukda, bu agyr hassalygyň berýän yzasy onuň gazandyrýan sogabynyň ýanynda hiç zat bolup galýar.

## Ýigrimi üçünji melhem

Eý, hossarsyz, ýalňyz galan biçäre hassa! Seniň bu hassalygyň, üstesine-de, ýat illerdäki ýalňyzlyk halyň iň gaty ýürekleri-de ýumşadyp, mähirli garaýyşlary özüne çekýär. Onuň ýaly bolsa, Kuranyň her süresiniň başynda özüni Rahman we Rahym sypaty bilen tanadýan, öz merhemetiniň ýalkymyndan ýekeje şöhlejigini ähli enelere paýlamak bilen olara çagalary terbiýeletdirýän, her bahar paslynda rahmetiniň ýalkymy bilen zeminiň ýüzüni nygmatlardan doldurýan we ebedi jennetiň barça gözellikleri rahmetiniň bir şöhlejigine barabar bolan Halyky-Rahyma iman getirseň, Ony tanasaň, hassalygyň saýasynda üsti açylan ejizligiňi ulanyp, Oňa ýalbarsaň, seniň ýat illerdäki bu ýalňyzlygyň, bu hassalygyň özgäniňkiden

has köp Onuň rahmet nazaryny saňa tarap çekmezmi?!

Hawa, Alla bar we Ol saňa seredýär. Diýmek, onda seniň üçin hemme zat bar. Hossarsyz we ýalňyz adamlar aslynda kimler, bilýärmiň?! Alla iman getirmeýänler, Oňa boýun egmeýänler, Onuň bilen aragatnaşyk saklamaýanlar we muňa ähmiýet bermeýänler.

## Ýigrimi dördünji melhem

Eý, bigünä hassa çagalara we bigünä çagalar hökmündäki garrylara hyzmat edýänler! Ynha, size ahyretiňize girdeýji getirjek söwda. Gujur-gaýratyňyzy gaýgyrmaň, bu söwdadan girdeýji gazanyň.

Bigünä çagalaryň hassalyklary, olaryň näzik bedenleri üçin türgenleşikdir, ryýazet hökmündedir. Durmuşynda ýüze çykyp biljek kynçylyklara döz gelip biler ýaly,

öňünden sanjylýan sanjymdyr. Rabbany terbiýedir. Hawa, hassalygyň çagalar üçin şuňa meňzeş dünýewi jähetden bähbitli ýene ençeme hikmetleri bardyr. Galyberse hassalyk çaganyň ruhy ýaşaýşyna oňat täsir edip, onuň päk durmuşda ýaşamagyna sebäp bolýar. Bu bolsa uly adamlara degişli bolan keffaretüz-zünuba (günäleriň geçilmegi) meňzeýär. Başgaça aýdanymyzda, hassalyklar çaganyň o dünýe-bu dünýe ruhy mertebesini beýgeldýän sanjymdyr. Bu sanjymlaryň gazandyrýan sogaplary bolsa hassa çagalaryň ene-atalarynyň amal depderlerine-de ýazylýar. Esasanam, merhemet duýgusynyň itermegi bilen, çagasynyň saglygy üçin öz saglygyndan geçýän enäniň haýyr depderine sogap ýazylýandygyny hakykat alymlary hem tassyklaýarlar.

Garrylara hyzmat etmek hem uly sogap bolup, garrylaryň, esasanam, ene-ataň alkyşyny alsaň, olaryň göwnüni götterseň, olaryň öňündäki perzentlik borjuňy berjaý etseň, o dünýe-bu dünýe bagtyýarlyk gazanarsyň. Munuň hakdygyna hadyslar we durmuşyň birgiden wakalary güwä geçýär. Garry ene-atasyna birkemsiz hyzmat eden bagtyýar perzendiň öz perzendi hem oňa birkemsiz hyzmat eder. Emma ene-atasyny ynjydan betbagt perzent ahyret azabyna duçar bolar, bu dünýäde hem köp heläkçiliklere uçrap, jezasyny çeker. Muňa durmuşdaky ençeme wakalar şaýat.

Hawa, mümin diňe ýakyn garyndaşyna däl, eýsem, (imandan gaýdan hakyky doganlyk duýgusynyň talabyna laýyklykda), kömege mätäç islendik musulmana, hormata mynasyp garrylara, hassalara

jany-teni bilen hyzmat etmelidir. Yslamyýetiň talaby şeýledir.

## Ýigrimi bäşinji melhem

Eý, hassa doganlarym! Siz her derdiň dermany bolan, , hakykatdan hem datly, örän peýdaly we mukaddes melhemi isleýän bolsaňyz, imanyňyzy kämilleşdiriň. Ýagny toba-istigfar, namaz, ybadat ýaly imandan dörän mukaddes melhemleri we imany öz derdiňize em ediň.

Hawa, gapyl adamlaryň dünýä aşyk bolup, ýürekden berilmekleri sebäpli, olaryň dünýäniň ululygyna barabar hassa bedeni bolar. Iman bolsa, aýralyklardyr ölüm-ýitimleriň şeýle bedene salýan bimöçber ýaralaryna bada-bat em edýär, ony ýaralardan doly saplaýar, hakyky şypany berýär. Bu hakykat ençeme eserlerimde

anyk subut edilipdi. Kelläňizi agyrtmazlyk üçin, sözümi jemleýärin:

Iman dermany, parz ybadatlary mümkingadar ýerine ýetirmek bilen öz täsirini görkezer. Gapyllyk, günäler, nebsiň höwesleri, haram lezzetler ol melhemiň täsirini gaçyrýar. Eger hassalyk gaflat ukusyndan oýarýan bolsa, dünýewi islegleriň öňüni alýan bolsa, haram keýplere böwet bolýan bolsa, onda, hassalykdan peýdalanmak gerek. Doga-dileg, toba-istigfar ýaly hakyky imanyň mukaddes melhemlerinden we nurlaryndan peýdalanmak gerek.

Haktagala size şypa bersin! Goy, hassalyklaryňyz günäleriňiziň ýuwulmagyna sebäp bolsun! Ämin, ämin, ämin!

اَلْحَمْدُ لِلّٰهِ الَّذِى هَدٰينَا لِهٰذَا وَمَا كُنَّا لِنَهْتَدِىَ لَوْلَآ اَنْ هَدٰينَا اللّٰهُ لَقَدْ جَآءَتْ رُسُلُ رَبِّنَا بِالْحَقِّ

سُبْحَانَكَ لَا عِلْمَ لَنَآ اِلَّا مَا عَلَّمْتَنَّا اِنَّكَ اَنْتَ الْعَلِيمُ الْحَكِيمُ

اَللّٰهُمَّ صَلِّ عَلٰى سَيِّدِنَا مُحَمَّدٍ طِبِّ الْقُلُوبِ وَ دَوَائِهَا وَ عَافِيَةِ الْاَبْدَانِ وَ شِفَآئِهَا وَ نُورِ الْاَبْصَارِ وَ ضِيَآئِهَا وَ عَلٰى اٰلِهِ وَ صَحْبِهِ وَ سَلِّمْ